# Awaza 2025: Tematiki Sergiler Halkara Hemmetaraplaýyn Gatnaşygyň Täze Sahypasyny Açar

2025-nji ýylyň awgust aýynyň başynda, ýagny 5–8-nji aralygynda, Türkmenistanyň “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy dünýä jemgyýetçiliginiň aýratyn ünsüni özüne çeker. Bu ýerde geçirilmegi meýilleşdirilýän Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji halkara maslahaty (LLDC3) diňe bir syýasy-ykdysady forum hökmünde däl, eýsem halkara hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň, tejribe alyşmalaryň, innowasiýanyň we medeniýetleriň çaknyşýan nokady hökmünde hem möhüm ähmiýete eýe bolar. Bu forumyň tapawutly aýratynlyklarynyň biri hem onuň çäginde guraljak giň gerimli tematik sergilerdir. Bu sergiler diňe bir ýurtlaryň ykdysady kuwwatyny görkezmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň medeni baýlygyny, ylmy-tehniki ösüşini we halkara hyzmatdaşlyk boýunça tagallalaryny hem giňden açyp görkezmegi maksat edinýär.

Sergileriň esasy wezipesi halkara gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini ýüze çykarmakdyr. Dünýäniň dürli künjeklerinden gatnaşýan döwletler özleriniň ykdysady ösüşleriniň esasy ugurlaryny, innowasiýa çözgütlerini we sanly tehnologiýalaryny görkezmäge mümkinçilik alarlar. Şeýle sergiler ýurtlaryň arasynda özara düşünişmegi we hyzmatdaşlygy güýçlendirýän möhüm gurallaryň biri bolup durýar. Olaryň üsti bilen ýurtlaryň mümkinçilikleriniň hakyky derejesi görkezilýär we häzirki zaman dünýä bazaryna laýyk gelýän täze başlangyçlar teklip edilýär.

Türkmenistanyň bu çärä mynasyp gatnaşmagy aýratyn bellärliklidir. Forumyň geçirilýän ýerine öwrülen Awaza milli syýahatçylyk zolagy diňe bir dynç alyş merkezi hökmünde däl, eýsem häzirki wagtda halkara ykdysady gatnaşyklaryň möhüm tapgyry hökmünde-de tanalýar. Türkmenistanyň bu ugurda alyp barýan syýasaty, daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlary, energetika we ulag-logistika ulgamlarynda gazanýan üstünlikleri bu sergileriň üsti bilen dünýä ýaýramaga mümkinçilik tapýar. Ýurt tarapyndan guraljak pawilionlarda ykdysady ösüşiň strategik ugurlary, energiýa serişdelerini diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça gazanylan üstünlikler, daşky gurşawy goramak boýunça alnyp barylýan çäreler, şeýle-de sanly ykdysadyýete geçmek babatynda edilen ädimler giňden görkeziler.

Sergilerde görkeziljek ýaşyl energetika taslamalary aýratyn orny eýelär. Häzirki zaman dünýä ykdysadyýeti ekologiýa taýdan durnukly ösüş ugrunda hereket edýär. Türkmenistan bu ugurda dürli taslamalary durmuşa geçirýär we halkara hyzmatdaşlygynyň bu ugruna hem işjeň gatnaşýar. Günüň, ýeliň, gidroenergiýanyň peýdalanylmagy bilen bagly täzeçillik taslamalaryň görkezilmegi, ýurdumyzyň ekologik howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen strategiýasynyň bir bölegidir. Bu sergilerde halkara jemgyýetçiligi bilen bu ugurda tejribe alyşmak hem meýilleşdirilýär.

Ýene bir möhüm ugur – ulag we logistika ulgamydyr. Deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlar üçin

Все права защищены

iň uly kynçylyk daşarky bazarlara çykmagyň çylşyrymlylygydyr. Bu bolsa ykdysady ösüşe päsgel berýän möhüm faktordyr. Türkmenistan geografik taýdan Merkezi Aziýanyň göbeginde ýerleşýär. Bu ýerleşişi onuň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini ulanmaga giň mümkinçilik berýär. Hazaryň kenaryndaky Türkmenbaşy halkara deňiz porty, demir ýol we awtomobil ýollarynyň döwrebaplaşdyrylmagy bilen ýurt, halkara üstaşyr ulag ulgamlarynyň möhüm bölegine öwrülýär. Bu sergilerde hem Türkmenistanyň bu ugurda gazanan üstünlikleri, halkara taslamalara gatnaşmagy giňden beýan ediler.

Milli senagatyň ösüşi hem sergileriň möhüm böleginiň biri bolar. Türkmenistan içerki önümçilige uly üns berýär. Öndürilýän harytlaryň görnüşleriniň giňeldilmegi, ýokary tehnologiýaly önümçilik kärhanalarynyň döredilmegi, iş orunlarynyň artdyrylmagy bilen ykdysady ösüşiň düýpli binýady döredilýär. Hususy sektoryň işjeňleşmegi, kiçi we orta telekeçilige döredilýän şertler, işewür gurşawyň gowulandyrylmagy ýurdumyzda ykdysady ösüşiň täze tapgyryna gadam basmaga mümkinçilik berýär. Sergilerde milli önümçilik kärhanalarynyň önümleri, olaryň halkara bazara çykmak mümkinçilikleri, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ýola goýlan gatnaşyklary giňden görkeziler.

Sergi meýdançalary diňe bir ykdysady mümkinçilikler bilen çäklenmän, medeni baýlygyň hem görkezilýän giňişligidir. Her bir ýurt öz milli medeniýetini dünýä tanatmak isleýär. Türkmenistanyň baý taryhy we medeni mirasy hem bu sergide aýratyn orun alar. Halylarymyz, dokma önümlerimiz, milli lybaslar, amaly-haşam sungaty, saz we folklor sungaty dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen myhmanlaryň uly gyzyklanmasyna sebäp bolar. Şeýle-de, Türkmenistanyň medeniýet ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alyp barýan işleri – medeniýet hepdelikleri, festiwallar, döredijilik alyşmalary ýaly başlangyçlary sergide giňden açylyp görkeziler.

Forumyň çäklerinde geçirilýän bu sergilerde ýaşlar üçin hem aýratyn meýdançalaryň döredilmegi meýilleşdirilýär. Ýaşlaryň innowasion pikirleri, olaryň döredýän startap taslamalary, sanly tehnologiýalara bolan höwesi döwletimiziň ýaşlara uly üns berýändiginiň subutnamasydyr. Bilim, ylym we täzeçil pikirleriň birleşýän ýerinde ýaşlaryň orny örän möhümdir. Bu sergiler ýaşlara öz pikirlerini halkara derejesinde görkezmäge mümkinçilik döreder, olaryň dünýä ýurtlary bilen tejribe alyşmagyny üpjün eder. Şeýle forumlaryň geçirilmegi diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem syýasy taýdan hem uly ähmiýete eýedir. Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda “Açyk gapylar” we bitaraplyk syýasatyna ygrarlylygyny görkezýär. Bu syýasatyň esasynda dünýä ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegi, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy esasy orunda durýar. Awazada geçirilýän halkara forum we onuň çägindäki sergiler bolsa Türkmenistanyň bu syýasatynyň netijeliligini görkezýän aýdyň subutnama bolup durýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

**Araşewa Ogulsapdy**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy**

Все права защищены